# Asmaýar

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Asmaýar ASMAÝAR



Daglar aşsam atlanyp,
Ýürek gulak asmaýar.
Ysgynsyz ganatlarym,

Kürek gulak asmaýar.
Ýüki – gam, dert – zowaly,
Aşyk ömri dawaly,
Ýar näzli, men howaly,
Melek gulak asmaýar.

Bagyr çekýär ýükümem,
Çynar başym büküler,
Ýapraklarym döküler,
Ýelek gulak asmaýar.

Buz sallanýar telimden,
Gutulmak ýok ölümden,
Galar bir gün elimde,
Gulak gulak asmaýar.

Ölüm arzan, jan gymmat,
Merde ýaraşmaz dymmak,
Allam, özüňden hümmet,
Pelek gulak asmaýar.

Zelimhan ÝAKUP,
Azerbaýjanyň halk şahyry.

Azerbaýjan dilinden terjime eden: Ysmaýyl TAGAN.

*#Dünýä edebiýaty žurnalyndan.* Goşgular